# Azma huşuñda

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Azma huşuñda AZMA HUŞUŇDA

Adam ogly ýetseň, kemala gelip,
Gyz-u-juwan geler, görner düýşüňde.
Utançly, haýany özüňden bilip,
Hakyň halal bolsun, edýän işiňde.

Kämilleş, okaýyp-öwrenen bolsaň,
Bedeniň berkden bor, türgene salsaň,
Atalar ündewi, nesihat alsaň,
Aklyňdan azaşyp, azma, huşuňda.

Mertebe saý, çyndan sözle sözüňi,
Myjabatdan gorap gezgin özüňi,
Ýaz güli deý, açyk tutgun ýüzüňi,
Gaýga galmak, aýyp, juwan ýaşyňda.

Namys etgin, ukyp amal almasa,
Dada ýetgin, ol kömege gelmese,
Goldan gelen zerre haýryň bolmasa,
Nepiň degmez, suw seňrikden aşanda.

Niýetiňde ýagşylyga ýol bolsun,
Sen güleňde, seniň bilen il gülsün,
A:gyr etseň, iliň üçin hal bolsun,
Dert ýeňletjek, il-günüňdir, «çişeňde».

Söýüp ýaşa bala-çagasy bilen,
Oňuş, syla, ini-agasy bilen,
Şeriň ýaýy mydam, haýra gezelen,
Pursat arap gezen, gözi-gaşynda.

Bardyr adam, kaýyl gelmez, gününe,
Bardyr adam, şükür eder demine,
Ýagşy-ýaman mahsus, biziň Zemine,

Bardyr adam, gohy-bela başynda.

Adam bardyr, gözi guwançdan doly,
Adam bardyr, Kap dagynda hyýaly,
Bardyr adam, bela-beter aýaly,
Boýun sunup, gezer akly çaşanda.

Kä birleri sözde sahawat saçar,
Käsiniň sözüni diňlänler gaçar,
Çydamaz ahyrsoň goňşusy göçer,
Diňlenmez sözleri dolup-daşanda,

Saglykdyr baýlygyň, gymmatdyr wagtyň,
Ýöwselläp-ýaltansaň, işlemez bagtyň,
Ymykly oýlan sen, asuda çagtyň,
Ýogsa akyl ýetmez, çözläp-işeňde.

Gidip barýan wagtyň, demiňi sanap,
Eý Illi, özüňi bilmersiň tanap,
Tanajak hem bolma, janyňy gynap,
Soňra baha berler iller üýşende. Goşgular